Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ BIZIŇ UZAK MÖHLETLEÝIN STRATEGIÝAMYZYŇ BAŞ MAKSADY BOLUP DURÝAR. ŞOŇA GÖRÄ-DE, YKDYSADYÝETIMIZIŇ ÄHLI UGURLARYNY GURŞAP ALÝAN MAKSATNAMALARYMYZY HEM-DE ÖZGERTMELERIMIZI ÜSTÜNLIKLI AMALA AŞYRÝARYS.

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY: DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!

# TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gündelik gazet. № 212 (31826). 2026-njy ýylyň 29-njy awgusty. Şenbe.



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**AŞGABAT, 28-nji awgust (TDH).** Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Mejlisde «Elektron söwda hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak, Türkmenistanyň Jenaýat, Gümrük, Zähmet, Sanitariýa we Maşgala kodekslerine hem-de başga-da käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek, döwletimiziň halkara resminamalara goşulmagyny hukuk taýdan goldamak boýunça işler dowam etdirilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek hem-de ony ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek, dürli pudaklarda zähmet çekýän raýatlary döwlet sylaglaryna hödürlemek bilen baglanyşykly işler durmuşa geçirilýär.

Mejlisiň deputatlarynyň kanun çykaryjylyk işinde tejribe alyşmak maksady bilen, Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolandyklary, Birleşen Milletler Guramasynyň düzüm birlikleriniň ýurdumyzyň degişli döwlet edaralary bilen bilelikde guran maslahatlaryna we duşuşyklaryna gatnaşandyklary barada-da aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gowy taýýarlyk görmegiň, ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ykdysady Geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, şu ýylyň sentýabrynda paýtagtymyzda GDA-nyň ykdysady Geňeşiniň 111-nji mejlisini guramaçylykly geçirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Mejlisiň gün tertibine laýyklykda, onuň kiçi düzümdäki bölüminde GDA gatnaşyjy döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini, şol döwletleriň çäklerinde halkara gatnawlarda daşamalar amala aşyrylanda ulag howpsuzlygyny üpjün etmek strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça 2026 — 2030-njy ýyllar üçin çäreleriň meýilnamasyny, geňeşiň indiki mejlisini geçirmek bilen bagly meseläni ara alyp maslahatlaşmak meýilleşdirilýär. Giňişleýin düzümdäki bölümde Döwletara standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikatlaşdyrmak geňeşiniň 2023 — 2026-njy ýyllardaky işi hem-de Arkalaşyga gatnaşyjy döwletleriň ýokary tehnologiýaly senagat pudaklary üçin ähmiýetli bolan serişdeleri öndürmek babatda hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň hem-de ony durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasynyň taslamalary bilen bagly meselelere garamak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň halkara guramalar, şol sanda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy bilen netijeli gatnaşyklary alyp barýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere Aşgabat şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ykdysady Geňeşiniň nobatdaky mejlisini guramaçylykly geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Agajanow «Türkmennebit» döwlet konserniniň garamagyndaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň desgalarynyň bökdençsiz işlemegini üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda gaýtadan işleýän senagaty döwrebap derejede ösdürmek hem-de önümçilik desgalarynyň kuwwatlyklaryny netijeli peýdalanmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bu babatda konserniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň tehnologik desgalaryny elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjün etmek üçin zerur çäreler görülýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň nebitgaz toplumyny ösdürmek hem-de önümçilik desgalarynyň kuwwatyny artdyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň desgalarynda düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek boýunça teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda hem-de welaýatlarda möwsümleýin işleriň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň çäklerinde geljek ýylyň bugdaý hasylynyň düýbüni tutmak üçin taýýarlyk işleri ýerine ýetirilýär, hususan-da, sürüm, tekizlemek, geriş we çil çekmek işleri alnyp barylýar. Ekiş möwsüminde işlediljek bugdaý ekijileri, ýokary hilli bugdaý tohumyny taýýarlamak işleri dowam edýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer ýurdumyzyň welaýatlarynda 2027-nji ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, bellenen möhletlerde we ýokary hilli geçirmek maksady bilen, ussat daýhanlaryň, tejribeli hünärmenleriň, alymlaryň, mehanizatorlaryň gatnaşmaklarynda tejribe maslahatlaryny geçirmegiň hem-de il sylagly ýaşulularyň gatnaşmaklarynda bugdaý ekişine başlamagyň senesini belläp, oňa ak pata bermegi hormatly Prezidentimizden haýyş etdi.

Häzirki wagtda welaýatlarda gowaça ekilen meýdanlarda ideg işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, pagta ýygymy möwsümine başlamak boýunça degişli taýýarlyk işleri geçirilýär. Hususan-da, pagta arassalaýjy kärhanalary, pagta kabul ediş harmanhanalaryny, pagta ýygýan kombaýnlary, awtoulaglary, beýleki oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Wise-premýer welaýatlarda ösdürilip ýetişdirilen gowaça hasylyny öz wagtynda ýygnap almak, pagta ýygymy möwsümini ýokary guramaçylykly geçirmek maksady bilen, ussat daýhanlaryň, tejribeli hünärmenleriň, alymlaryň we mehanizatorlaryň gatnaşmaklarynda tejribe maslahatlaryny geçirmegiň hem-de il sylagly ýaşulularyň gatnaşmaklarynda pagta ýygymyna başlamagyň senesini belläp, oňa ak pata bermegi döwlet Baştutanymyzdan haýyş etdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzyň gallaçy we pagtaçy daýhanlary üçin jogapkärli möwsüm bolan bugdaý ekişiniň hem-de pagta ýygymynyň ýetip gelendigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz bu möhüm oba hojalyk işlerini guramaçylykly geçirmek maksady bilen, welaýatlarda 2-nji sentýabrda bugdaý ekişine girişmäge, 9-njy sentýabrda bolsa pagta ýygymyna başlamaga ak pata berdi we hormatly ýaşululardan bugdaý ekişini we pagta ýygymyny «bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş etdi. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň zähmetsöýer daýhanlaryna, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Energetika ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda elektrik stansiýalarynda we ýylylyk elektrik merkezlerinde, elektrik geçiriji ulgamlarda, beketlerde degişli işler alnyp barylýar. Şunda daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi pudagyň önümçilik kuwwatyny has-da artdyrmaga, sarp edijileri elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmäge ýardam berer. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasyny hödürledi.

(Dowamy 2-nji sahypada).

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISINI KABUL ETDI

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

***Gadyrly dostum!***

Ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak maksady bilen, men jenap Şener Jebejini Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellemek kararyna geldim. Onuň şahsy häsiýetleri we ukyp-başarnyklary öz wezipesini Siziň Alyhezretiňiziň ynamyna mynasyp derejede ýerine ýetirjekdigine ynam döredýär. Siziň Alyhezretiňizden ony hoşniýetli kabul etmegiňizi, şeýle hem meniň adymdan we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan ähli beýan etjeklerine, hususan-da, Size bagtyýarlyk, Türkmenistanyň halkyna abadançylyk, dostluk baradaky arzuwlarymy ýetirende, oňa doly ynanmagyňyzy haýyş edýärin.

***Rejep Taýyp ÄRDOGAN,***
***Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti.***

**AŞGABAT, 28-nji awgust (TDH).** Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Şener Jebejini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.



Ilçi duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, ata Watany Türkmenistanda Türkiýe Respublikasyna wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz Prezident Rejep Taýyp Ärdogana iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Şener Jebejini Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellenilmegi bilen gutlady hem-de oňa iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alyp barjak ýokary diplomatik wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan üçin Türkiýe Respublikasy iň ýakyn doganlyk döwlet bolmak bilen, ikitaraplaýyn gatnaşyklar uzak möhletleýin strategik häsiýete eýedir. Iki ýurduň arasyndaky döwletara gatnaşyklar özara hormat goýmak, birek-birege ynanyşmak esasynda alnyp barylýar. Ýokary döwlet derejesindäki gatnaşyklar, Hökümet wekiliýetleriniň yzygiderli amala aşyrýan özara saparlary we gepleşikler hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabaraly çärelere gatnaşmagynyň ýokary derejede alnyp barylýan döwletara hyzmatdaşlygyň has-da ilerledilmegine täze itergi berendigini nygtady.

Ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn derejede däl, eýsem, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu babatda halkara syýasatyň we sebit gatnaşyklarynyň özara gyzyklanma bildirilýän meseleleri boýunça, hususan-da, dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmekde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde iki ýurduň garaýyşlarynyň meňzeşdigi kanagatlanma bilen bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdyp, Türkiýäniň ýurdumyzyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridigini nygtady. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmakda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topara we işewürlik geňeşine uly orun degişlidir.

Söhbetdeşligiň dowamynda iki döwletiň we olaryň halklarynyň arasynda medeniýet, ylym, sungat, döredijilik ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň giň gerimde alnyp barylýandygy aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz diplomatyň Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi hökmünde ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmak ugrunda ähli tagallalary etjekdigine ynam bildirdi.

Şener Jebeji bildirilen uly ynam üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, diplomatik wezipesinde iki ýurduň we olaryň halklarynyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak, Türkiýe bilen Türkmenistanyň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda yhlasly zähmet çekjekdigine ynandyrdy.

## RESMI HABAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň sarp edijilerini elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Energetika ministrligine «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça degişli işleri geçirmek tabşyryldy.

***(TDH)***

# BITARAP, GARAŞSYZ TOPRAGYŇ NURDUR,

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, energetika pudagyny ösdürmek we onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda taýýarlanylan Karara gol çekip, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň ykdysady üstünlikleriniň sergisine görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bu sergini ýokary derejede guramaçylykly geçirmek üçin degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Sergide ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynda ýetilen sepgitler, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwletiň hem-de jemgyýetiň ähli ugurlarynda durmuşa geçirilýän özgertmeler, Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmakda, halkymyzyň eşretli durmuşyny üpjün etmekde gazanylýan üstünlikler öz beýanyny tapar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy mynasybetli geçiriljek sergide ýurdumyzda alnyp barylýan işleri, gazanylan üstünlikleri giňden beýan etmegiň zerurdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzyň ykdysady üstünliklerine bagyşlanan sergini guramaga gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Hasabatda nygtalyşy ýaly, geljek aýyň dowamynda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli dürli dabaralaryň, sergileriň, maslahatlaryň hem-de wagyz-nesihat çärelerini, yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemini jemlemek dabaralarynyň, teatrlarda täze sahna oýunlarynyň ilkinji görkezilişleriniň guralmagy, «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşiginiň, «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň jemleýji tapgyrlarynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli döwlet sylaglaryna mynasyp bolanlara sylaglaryň gowşurylyş dabaralarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasynyň, medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konsertiniň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Şeýle hem şanly sene mynasybetli Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasynyň, welaýatlaryň, Arkadag şäheriniň baş baýdak meýdançalarynda Döwlet baýdagynyň galdyrylyş dabarasynyň, Döwlet münberiniň öňündäki meýdançada dabaraly ýörişiň, konsertiň, Aşgabat atçylyk sport toplumynda baýramçylyk at çapyşyklarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň döwrebaplaşdyrylan Ahalteke atçylyk toplumynyň açylyş dabarasynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli sentýabr aýyndaky baýramçylyk çärelerine we Döwlet münberiniň öňünde geçiriljek dabaralara ýokary derejede taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ulanmaga berilýän medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryna gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow Bilimler we talyp ýaşlar gününe hem-de 2026-2027-nji täze okuw ýylyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, dürli dabaralaryň, şol sanda Garaşsyzlyk binasynyň öňünde, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebinde, Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesindäki Berdimuhamet Annaýew adyndaky 27-nji orta mekdepde çäreleriň geçirilmeginiň meýilleşdirilýändigi aýdyldy.

Täze okuw ýylynyň ilkinji okuw sapagy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygar bilen geçiriler. Okuw sapaklarynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty giňişleýin beýan edilip, Garaşsyz Watanymyzyň 35 ýylda ýeten sepgitleri, ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesiller üçin döredilýän giň mümkinçilikler barada täsirli söhbetler ediler. Diýarymyzyň 1-nji synp okuwçylarynyň ählisine döwlet Baştutanymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgat hökmünde «Bilimli» noutbuk kompýuterleri dabaraly ýagdaýda gowşurylar. Häzirki wagtda Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 5 müň orunlyk binalar toplumynyň, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň 5 müň orunlyk binalar toplumynyň açylyş dabaralaryny geçirmäge taýýarlyk görülýär. Bilimler baýramynda Ahal welaýatynda 960 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, Daşoguz welaýatynda 240 orunlyk çagalar bagyny, Lebap welaýatynda 1 müň orunlyk 2 sany orta mekdebi dabaraly ýagdaýda açmak meýilleşdirilýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli çäreleri ýokary derejede guramaçylykly geçirmegiň möhümdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen, 1-nji synpa kabul edilýän mekdep okuwçylaryna döwrebap kompýuterleri sowgat bermäge taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Wise-premýer hasabatyny dowam edip, «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly ýol hereketiniň kadalaryny berjaý etmek boýunça bir aýlyk çäreleri geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada aýtdy. Bellenilişi ýaly, bu çäreleriň esasy maksady paýtagtymyzda, welaýatlarda ulaglaryň gatnawlaryny kadalaşdyrmakdan, pyýada ýolagçylaryň, sürüjileriň ýol hereketiniň kadalary baradaky düşünjesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, her ýylyň sentýabr aýynda ýurdumyzda ýol hereketiniň howpsuzlygynyň biraýlygynyň geçirilýändigini, bu çäräniň ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda möhüm ähmiýete eýe bolýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýol hereketiniň howpsuzlygy boýunça nobatdaky çäräni guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol, ilki bilen, ýurdumyzyň Hökümet agzalarynyň awgust aýynda zähmet rugsady döwründe dynç almaga, şeýle hem öňde boljak möhüm çäreleri geçirmäge taýýarlyk görmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilikler üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza we Gahryman Arkadagymyza mejlise gatnaşyjylaryň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Soňra wise-premýer, daşary işler ministri Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň meseleleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlygyny yzygiderli ösdürmek, ýurdumyzyň halkara başlangyçlaryny işjeň ilerletmek, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegine mynasyp goşant goşmak hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy wezipeleriniň biridir. Şunuň bilen baglylykda, 2025-nji ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistan bilen BMG tarapyndan bilelikde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilendigi aýdyldy. Bu iri halkara forumyň Türkmenistanda geçirilmegi ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen köpýyllyk strategik hyzmatdaşlygynyň, Türkmenistanyň sebit we ählumumy meseleleriň çözgütlerini işläp taýýarlamakda eýeleýän işjeň ornunyň nobatdaky aýdyň beýany boldy.

Maslahatyň netijeleri boýunça kabul edilen resminamalar, aýratyn-da, Awaza syýasy Jarnamasy hem-de 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geljek onýyllykdaky durnukly ösüşini üpjün etmek, olaryň ulag we üstaşyr mümkinçiliklerini giňeltmek, dünýä söwda ulgamyna has işjeň goşulyşmagyny, sanly-tehnologik ösüşini höweslendirmek, howanyň üýtgemegine durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin möhüm halkara binýady emele getirdi. Şunuň bilen baglylykda, maslahatyň netijelerini milli derejede yzygiderli amala aşyrmak hem-de Türkmenistanyň maslahaty kabul eden döwlet hökmünde onuň netijeleriniň halkara derejede ilerledilmegine goşandyny dowam etdirmek maksady bilen, «Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň netijesinde kabul edilen resminamalary durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň 2026 — 2030-njy ýyllar üçin orta möhletli milli «Ýol kartasynyň» taslamasy taýýarlanyldy.

«Ýol kartasynyň» taslamasynda ýurdumyzyň degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň gatnaşmagynda amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan çäreler 6 sany esasy ugry özünde jemleýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklipler hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen yzygiderli we ýakyn hyzmatdaşlygy alyp barýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyz bilen BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ýurdumyzyň demir ýol ulagy pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bu ugurda degişli işler geçirilýär. Şunda daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berilýär. Bu işleriň üstünlikli amala aşyrylmagy demir ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny has-da ýokarlandyrmaga, ýolagçy we ýük gatnawlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmäge ýardam berer.

Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň milli demir ýol ulagy pudagyny ösdürmek, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyz demir ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak maksady bilen taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, 1-nji sentýabrda ýurdumyzda Bilimler we talyp ýaşlar gününiň giňden bellenilip geçiljekdigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň, ýurdumyzda okuw mekdepleriniň we çagalar baglarynyň birnäçesiniň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga beriljekdigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz 2-nji sentýabrda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde ýurdumyzyň ýaşlary, talyplary we okuwçylary bilen möhüm ähmiýetli umumy sapagyň geçiriljekdigini belledi hem-de baýramçylyk mynasybetli ýolbaşçylaryň her biriniň jogap berýän ýokary okuw mekdepleri boýunça degişli guramaçylyk işleriniň geçirilmelidigini aýtdy.

«Biz geljekde hem bilim ulgamyny ösdürmek, ýaş nesillerimize döwrebap bilim bermek boýunça alyp barýan işlerimizi dowam etdireris» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, mejlise gatnaşyjylary, bilim işgärlerini, bagtyýar ýaşlarymyzy Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ÝAPONIÝA — TÜRKMENISTAN:
## *ynanyşmaga we özara bähbitlere esaslanýan dostlukly gatnaşyklar*

***Ýaponiýanyň daşary işler ministri hökmünde dokuz ýyldan soň, men 29-30-njy awgustda ilkinji gezek Türkmenistanda resmi saparda bolýaryn. Bu ýurtda bolup, Aşgabadyň ak mermerli binagärligini görmäge döredilen mümkinçilige tüýs ýürekden begenýärin.***



*Toşimisu MOTEGI, Ýaponiýanyň daşary işler ministri.*

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, Ýaponiýa 1992-nji ýylda bu ýurt bilen ilkinjileriň hatarynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Şondan bäri geçen 34 ýylyň dowamynda iki dostlukly ýurt syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda özara gatnaşyklary yzygiderli ösdürip gelýärler. Häzirki wagtda Merkezi Aziýa durnukly ykdysady ösüşi gazanyp, Ýewropa bilen Aziýany baglanyşdyrýan söwda ýoly hökmünde barha uly ähmiýete eýe bolýar. Şol bir wagtyň özünde, Ýaponiýa üýtgäp durýan halkara ýagdaýlaryň bu sebitiň döwletlerine-de täsirini ýetirýändigine oňat düşünýär. Merkezi Aziýanyň töwereginde ýagdaýlaryň çalt üýtgeýän döwründe sebitara hyzmatdaşlygy ösdürmek örän möhümdir.

Ýaponiýa gatnaşyklaryň deslapky tapgyrynda Merkezi Aziýa, şol sanda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň wajyp ähmiýetine göz ýetirdi. Şoňa görä, ýurdumyz 2004-nji ýylda dünýäde ilkinji bolup sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» formatyny döretdi. «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň 20 ýyldan gowrak wagt bäri depginli ösüşiniň dowamynda köp sanly duşuşyklar, daşary işler ministrleriniň derejesinde ýygnaklaryň 10-sy, şol sanda onlaýn görnüşde duşuşyklar geçirildi. Soňky ýyllarda guralan köp sanly syýasy geňeşmelerdir ynsanperwer alyşmalar Ýaponiýa bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky ýygjam gatnaşyklaryň esasyny düzdi. Geçen ýylyň dekabrynda bolsa Ýaponiýada saparda bolan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Tokioda bu formatyň çäginde döwlet Baştutanlarynyň ilkinji duşuşygy geçirildi.

Geçen ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýyldaky degişli Kararnamasy esasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň yglan edilmegine 30 ýyl doldy. Ýaponiýa Türkmenistanyň bitarap döwlet hökmünde çylşyrymly geosyýasy şertlerde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmäge gönükdirilen diplomatik tagallalaryna ýokary baha berýär. 2025-nji ýylyň martynda Baş Assambleýanyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda üçünji Kararnamasynyň kabul edilmegini goldamak bilen, biziň ýurdumyz onuň awtordaşy hökmünde çykyş etdi. Ýaponiýa Türkmenistanyň möhüm hyzmatdaşy hökmünde halkara giňişlikde kanunyň hökmürowanlygyna esaslanýan erkin hem-de açyk halkara tertibi bilelikde gorap saklamagy we berkitmegi maksat edinýär.

Ýapon-türkmen gatnaşyklary, esasan, ykdysady ulgamda uly netijeleri berýär. Munuň şeýledigini tebigy gazdan benzin öndürýän zawodyň, dökün önümçilik zawodynyň gurluşyklary ýaly iri hyzmatdaşlyk taslamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi hem tassyklaýar. Ýaponiýanyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny we Türkmenistanyň baý tebigy serişdelerini utgaşdyrmak bilen, özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Geljekde gaýtadan işleýän pudagy öz içine alýan ýapyk aýlawly ykdysadyýet, şeýle hem emeli aň ýaly ugurlarda Ýaponiýanyň tejribesini ulanyp, anyk hyzmatdaşlyk taslamalarynyň amala aşyrylmagyna garaşylýar.

Geçen ýyl Türkmenistanyň Prezidenti Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçirilen «Ekspo — 2025» Bütindünýä sergisiniň çäklerinde 14-nji aprelde guralan Türkmenistanyň milli gününe gatnaşdy. Ýokary binagärlik gözelligi bilen tapawutlanan bu pawilýon ýapon halkynyň Türkmenistan baradaky düşünjesini has-da çuňlaşdyrmaga ýardam etdi. Şeýle-de döwlet Baştutanynyň Ýaponiýanyň pawilýonyna baryp görmegi ýapyk aýlawly ykdysadyýet babatda hyzmatdaşlygy ýola goýmaga itergi berdi. Geljek ýylyň martynda Ýokohamada geçirilmegi meýilleşdirilýän «Green Expo 2027» halkara sergisinde hem Türkmenistanyň özüne çekiji mümkinçilikleriniň has giňden tanyşdyrylmagyna garaşýarys.

Meni Türkmenistanda ýapon dilini öwrenýänleriň sanynyň barha artýandygy, türkmen topragynda-da Ýaponiýa bolan gyzyklanmanyň ýokarlanýandygy diýseň begendirýär. Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyraga bagyşlanyp döredilen medeni-seýilgäh toplumynda ýapon ýazyjysy, Nobel baýragynyň eýesi Ýasunari Kawabatanyň heýkeliniň açylandygy köpleriň ýadyndadyr. Ýapon dilini we medeniýetini öwrenýänleriň ählisi geljekde iki ýurdy birleşdirýän dostluk köprüsi bolup hyzmat eder diýip umyt edýärin.

Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky berk ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegi üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyna, meniň şu saparymyň bolsa oňa goşmaça itergi berjekdigine ynanýaryn. Men saparyň dowamynda geçen ýyl Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýa amala aşyran iki saparynyň hem-de «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň çäginde geçirilen ilkinji sammitiň netijelerine esaslanyp, köpugurly hyzmatdaşlyk we halkara gün tertibi meseleleri barada açyk pikir alyşmagy, ikitaraplaýyn gatnaşyklarymyzy hil taýdan täze derejä çykarmagy maksat edinýärin. Sözümiň ahyrynda geljek ýylda belleniljek diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 35 ýyllygynyň öňüsyrasynda Ýaponiýanyň hem-de Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ilerlediljekdigine ynanýandygymy bellemek bilen, Türkmenistana we ähli türkmen halkyna tüýs ýürekden abadançylyk, gülläp ösüş arzuw edýärin.

TÄZE OKUW ÝYLYNA

## «BILIMLI» BILEN BILIMLER DÜNÝÄSINE

***«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen buýsançly şygar astynda geçýän taryhy ýylda ýurdumyzyň orta mekdepleriniň 1-nji synpyna okuwa barjak körpelere Şa sowgatlary garaşýar. Megerem, bilimler dünýäsine ilkinji gadamyny basýan ýaş nesliň durmuşyna üýtgeşik ýakym çaýýan bu pursat aýratyn ýatda galyjy bolsa gerek. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň bagtyýar körpeleri bagtly çagalygyň ýurdy bolan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda 1-nji synp okuwçylaryna hormatly Prezidentimiziň adyndan «Bilimli» noutbuk kompýuterleriniň sowgat berilýändiginden habarly bolup, her täze okuw ýylynyň öň ýanynda bu şatlykly pursada sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.***

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda mundan 15 ýyl öň ýurdumyzda ilkinji gezek orta mekdepleriň 1-nji synp okuwçylaryna kompýuterler sowgat berlip başlandy. Bu gezek döwlet Baştutanymyzyň adyndan kompýuter sowgat almak nobaty täze — 2026-2027-nji okuw ýylynyň birinji synp okuwçylarynyňky.

Elektron senagatyň ösdürilmegi, sanly ulgama geçilmegi bilen, bu ugurdan uly isleg bildirilýän, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply, eksport ugurly harytlaryň önümçiligi barha artýar. Şunda her ýyl birinji synpa okuwa kabul edilýän okuwçylara sowgat berilýän «Bilimli» noutbuk kompýuterleriniň öz ýurdumyzda öndürilýändigi hem buýsandyryjydyr. Bu ýyl hem, hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerine birinji synpa barýan okuwçylara gowşuryljak noutbuk kompýuterleri «Agzybirlik tilsimaty» bilelikdäki kärhanasy we «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti tarapyndan öndürilip, häzirki wagtda doly taýýar edildi. Bu kärhanalaryň ýurdumyzyň senagat taýdan ösüşiniň ýokarlandyrylmagynda, milli bilimiň sanlylaşdyrylmagynda mynasyp goşandy bar.

Biz ýakynda «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetiniň daşary ykdysady departamentiniň sertifikatlaşdyrma we standartlaşdyrma bölüminiň guramaçy-terjimeçisi Mahym Kakaýewa bilen gürrüňdeş bolanymyzda, ol şeýle gürrüň berdi:

— Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylyp, täzeçe çemeleşmeler, elektron hyzmatlar, «akylly» tilsimatlar halkymyzyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Biziň hojalyk jemgyýetimiz hem häzirki zaman tehnologik çözgütleri hem-de infrastruktura önümçiligine degişli ulgamlary üpjün etmek, ornaşdyrmak we bu ugurda ýokary hilli, ygtybarly, halkara ölçeglere laýyk gelýän hyzmatlary hödürlemek ugruna ýöriteleşendir. Önümçilige girişen günümizden halkara derejede iş alyp baryp, halkymyzy elektron enjamlaryň dürli görnüşleri bilen üpjün etmegimiz, daşary ýurtlaryň birnäçesinde açylan şahamçalarymyz arkaly milli önümlerimizi dünýä ýaýmagymyz on ýylyň dowamyndaky irginsiz zähmetimiziň miwesidir.

Önümçilikde daşary ýurt kompaniýalarynda hem-de daşary döwletleriň innowasion tehnologiýalary öndürýän merkezlerinde kämilleşdiriş okuwyny geçip, tehniki enjamlary öndürmek boýunça bilimlerini artdyran tejribeli hünärmenler zähmet çekýärler. Olardan Hangeldi Orazbaýew, Artýom Çeşnow, Aýmyrat Garajaýew dagynyň ýokary ussatlyk bilen işleýändiklerini aýtmaly. Hiline, ýygnalyşyna, işleýşine berk gözegçilik edilmegi önümleriň



bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrýar. Kompýuterler çagalaryň saglygy üçin howpsuz bolup, onuň meýilnamasyna türkmen, rus, iňlis dilleri, dürli söz düzümleri, saz amallary, öwrediji oýunlar, hasap maşklary, mekdep döwrüniň başky üç ýylynda özleşdirilýän esasy dersler, okuw gollanmalary girizildi. Olaryň daşky görnüşi we gurluşy işlenilip taýýarlanylanda, hünärmenleriň maslahatlary göz öňünde tutuldy we olardaky goşundylaryň ählisi ýurdumyzyň bilim ulgamynyň hünärmenleri bilen bilelikde işlenilip düzüldi. Bu kompýuterleriň operasion ulgamy «Android 15», operatiw ýady 6 gigabaýt, çeýe diski 128 gigabaýt bolup, olar täze, köpugurly sensor paneli, goşmaça multifunksional LED paneli, ýörite gözi goramak üçin pes ýagtylyk derejesi bolan ekran we yşyklandyryjy nyşan, USB kabelli «syçanjyk» we zarýad beriji adapter bilen üpjün edilendir. Noutbuklarda göz öňünde tutulan programma üpjünçiligi, ulanyljak sanly serişdeler, elektron maglumat göterijiler, wideoşekiller we audioýazgylar, elektron sözlüklerdir kitaplar okuwçylaryň has giň möçberdäki maglumatlary kabul etmegine ýardam berýär. Okuw maksatly goşundylardan başga-da, iş ulgamy dürli aň ösdüriji goşundylary oturtmaga hem mümkinçilik berýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýunyň uludan bellenilýän ýylynda ýurdumyzyň orta mekdepleriniň 1-nji synpyna barýan körpelere hormatly Prezidentimiziň adyndan «Bilimli» noutbuk kompýuterleri dabaraly ýagdaýda gowşurylar. Munuň özi, Garaşsyzlygymyzyň şanly toýuna, Bilimler we talyp ýaşlar gününe hojalyk jemgyýetimiziň işçi-hünärmenleriniň hem mynasyp zähmet sowgady bolar. Önümçilik kärhanasyny ýola goýup, nurana geljegimiz bolan körpe nesliň zehin we bilim babatda kämilleşmegine, milli bilim ulgamynyň döwrebaplaşmagyna goşant goşmaga döredilýän giň mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz bimöçberdir.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda «Bilimli» bilen ak mekdebiň gapy-



syny açýan mähriban körpelere bolsa: «Ak mekdebe ilkinji ädimiňiz gutly-mübärek bolsun! Siziň bilimler dünýäsine ilkinji ädimiňiz ylym-bilimiň täzeçil, innowasion tehnologiýalar esasynda ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýän täze taryhy döwre gabat geldi. Hormatly Prezidentimiziň adyndan sowgat berlen kompýuterlerden peýdalanyp, okaň, öwreniň, kämillige ýetiň!» diýesimiz gelýär — diýip, ýaş hünärmen gürrüňini körpe nesle ak arzuw-niýetler bilen jemledi.

Hawa, Bilimler we talyp ýaşlar gününde hormatly Prezidentimiziň adyndan öwrediji kompýuterleri sowgat alýan körpe nesilleriň geljekde orta mekdepleri üstünlikli tamamlap, ýokary bilim alyp, ylmyň çuňluklaryna aralaşyp, innowasion açyşlary, täze teklipleri, iri taslamalary bilen eziz Diýarymyzyň bedew batly özgerişlerine mynasyp goşantlaryny goşjakdyklaryna ynanýarys.

*Keýik UMAROWA.*
*«Türkmenistan».*

# BAÝDAGYŇ BELENTDIR DÜNÝÄŇ ÖŇÜNDE!



## HALK MASLAHATY: AÝDYŇ MAKSATLAR, WAJYP WEZIPELER




# HALK HÄKIMIÝETI — MILLI DÖWLETLILIGIŇ DAÝANJY

***Mälim bolşy ýaly, Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda — 23-nji sentýabrda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçiriler. Ony ýokary derejede guramaçylykly geçirmek üçin taýýarlyk işleri güýçli depginde alnyp barylýar. Iň esasy zat bolsa şundan ybarat: halkymyz muňa ruhy taýdan doly taýýar we halk häkimiýetiniň bu iň ýokary wekilçilikli edarasynyň işine tüýs ýürekden rowaçlyk arzuw edýär.***

**Şuny** ynamly aýtmak bolar: Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwletliligi berkitmegiň, milli demokratiýany öňe alyp gitmegiň, halkyň abadan, rahat durmuşynyň, ýurduň ösüşleriniň möhüm daýanjydyr. Ata-babalarymyz mundan ýüzlerçe we müňlerçe ýyl ozal hem il-halk, döwlet ähmiýetli, örän jogapkärçilikli, möhüm meseleleri çözmekde özara hormatlylyk, ynanyşmak, maslahatlaşmak ýörelgelerine esaslanypdyr. Şeýle meselelerde düşünjeli, ylymly, tejribeli adamlaryň pikir-garaýyşlary, teklipleri diňlenilipdir. Munuň özi, ýene bir gezek nygtap aýtsak, asyrlarboýy dowam edip gelen däp bolupdyr we islendik meselede dogry çözgütleri kabul etmägede, agzybirligi, jebisligi, durnuklylygy pugtalandyrmaga-da ýardam edipdir. Döwlet bilen halkyň arasyndaky gatnaşygy berkitmek, ilatyň dürli gatlaklarynyň pikirlerini diňlemek, oýlanyşykly kararlary kabul etmek, ýurduň ösüşlerine itergi bermek — munuň özi nähili ajaýyp!

Oguz handan gelýän bütin taryhymyzy ýzarlasak, gadymy ruhy-edebi çeşmelerimize nazar salsak, «Gorkut ata», «Görogly» ýaly şadessanlarymyzy, Magtymguly ýaly beýik akyldarlarymyzyň eserlerini okasak, halk döredijilik eserlerine, şol sanda atalar sözlerine ser salsak, ählisinde bu ýörelgämiziň öz ornuny tapandygyny görüp bilýäris. Il-halkyň bilen bolmak, onuň sözüni diňlemek, jemgyýetiň bähbidini ileri tutmak, Watan mukaddesligi, oňa birleşip-bitewüleşip hyzmat etmek, maslahatly işler... Ýaşulularyň, sowatly hem tejribeli adamlaryň pikirlerini diňlemek... Bular türkmen halkynyň milli däplerine ornaşyp gidipdir, hatda şol däpleriň hem-de döwletlilik düşünjesiniň esasyny düzmäge gatnaşýarlar. Şu günki türkmen döwletliliginiň berkligi, gör, nämelerde! Türkmen bu gün juda gadymy, juda çuň, juda berk köklerine daýanyp, döwletlilik Tuguny belentde pasyrdadýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine taýýarlyk işleri guramaçylyk çärelerinden başga-da, döwlet syýasatynyň esasy ugurlary, amala aşyrylýan özgertmeleriň maksady we olaryň jemgyýet üçin ähmiýeti baradaky giň düşündiriş, wagyz-nesihat işlerini hem öz içine alýar. Şeýle çäreler raýatlaryň syýasy işjeňligini ýokarlandyrmaga, jemgyýetde döwlet maksatnamalaryna düşünmek we goldaw bermek meýlini güýçlendirmäge ýardam edýär. Ýeri gelende aýtsak, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalary Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek işinde esasy ýol-ýörelgedir. Bu maksatnamalarda ykdysady ösüşiň durnuklylygyny üpjün etmek, maýa goýumlary artdyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, täze önümçilikleri we iş orunlaryny döretmek ýaly wezipeler kesgitlenen. Şeýle maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi Halk Maslahatynyň işiniň netijeliligini alamatlandyrýar, döwlet ösüşiniň strategik ugurlaryny amala aşyrmaga uly mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlaryny öz içine alýan meseleleri ara alyp maslahatlaşýar, bu babatda çözgütleri kesgitlemäge gatnaşýar. Onuň mejlislerinde ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi, kanunçylygyň kämilleşdirilmegi, ruhy-medeni mirasyň aýawly saklanylmagy we baýlaşdyrylmagy, milli bähbitleriň goralmagy, halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ýaly möhüm ugurlaryň her biri bilen baglanyşykly wajyp meseleler giňişleýin seljerilýär. Halk Maslahatynyň şu gezekki mejlisinde-de şeýle zerur meselelere, şol sanda döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi, döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek, jemgyýetçilik demokratiýasyny ösdürmek bilen baglanyşykly meselelere, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň geçen döwründe bitirilen işlere, öňde duran möhüm wezipelere garalar diýip ynanýarys. Ilatyň, aýratyn hem, ýaşlaryň arasynda döwlet syýasatynyň ähmiýetini düşündirmäge üns çekiler. Ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek baradaky möhüm çözgütler kabul ediler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň taryhy başlangyçlary dowam etdirilýär — Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda uly özgertmeler amala aşyryldy we amala aşyrylýar. Şol özgertmeler öňden gelýän, eýýäm ep-esli derejede berkidilen, has dogrusy, bu günki berkarar türkmen döwletiniň binýadynda goýlan döwletlilik ýörelgelerine esaslanandyr we şol ýörelgeleri döwrebap ýagdaýda ösdürmäge gönükdirilendir. Şunda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşdaky ornuny barha pugtalandyrmak baradaky tagallalar möhüm ugurlaryň biridir. Jemgyýetçilik pikirine daýanmak, dürli ugurlaryň wekilleriniň tekliplerini öwrenmek, halk bähbitli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak we bu babatda halkyň bähbitlerine laýyk çözgütlere gelmek — bular Halk Maslahatynyň işiniň esasy aýratynlyklaryndan. Şeýle çemeleşme, beýleki bir tarapdan, jemgyýet bilen döwletiň arasyndaky özara ynamy pugtalandyrýar.

Soňky ýyllarda Halk Maslahatynda öňe sürülýän başlangyçlar bilen sazlaşyklylykda ylym-bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, sanly ykdysadyýet, senagat, oba hojalygy ýaly ugurlarda giň gerimli özgertmeleriň amala aşyrylýandygyny görýäris. Döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, döwrebap jemgyýeti kemala getirmäge hyzmat edýär. Hut şunda hem halkyň, raýatlaryň tekliplerini öwrenmegiň, jemgyýetçilik pikirine daýanmagyň netijelerini görmek bolýar.

Halk Maslahaty ýaşlar bilen baglanyşykly döwlet syýasatyny goldamagy öz işiniň möhüm ugurlarynyň biri hasaplaýar. Ýaş nesliň döwrebap bilim almagy, ylym bilen meşgullanmagy, döredijilik ukyplaryny ösdürmegi, hünärleri ele almagy, jemgyýetde mynasyp orun tapmaga hem-de ýurdumyzyň geljekki ösüşlerine işjeň gatnaşmaga hyjuwlylygy, olarda halkyň, ýurduň ykbaly üçin jogapkärçiligiň kemala gelmegi — bular milletiň bagtly geljeginiň, döwletiň pugta goraglylygynyň esaslaryndandyr.

Döwlet syýasatynyň ähli ugurlary milli bähbitlere, parahatçylyga, durnukly ösüşe gönükdirilendir. Daşary syýasatda döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýan parahatçylyk söýüjilik, özara hormatlylyk, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýurduň ösüş strategiýasynyň möhüm bölegini düzýär. Şu babatda alanyňda, Halk Maslahatynda ara alnyp maslahatlaşylýan başlangyçlar halkara ruhy-medeni, ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge, adamzadyň abadan ýaşaýşyny pugtalandyrmaga, dünýä bileleşigi bilen özara ynama esaslanýan hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär.

Ýene bir gezek ýatlasak, Halk Maslahatynyň mejlisi Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly senesiniň öňüsyrasynda bolar. Bu taryhy maslahatyň geçiriljek gününiň baş baýramymyzyň joşgunynyň köňüllere gözel kelam, ýagşy owaz eçilýän pursatlaryna gabat getirilmeginde çuňňur many bar.

Uly işleriň, taryhy wakalaryň hersi bizi ýene we ýene bir gezek Garaşsyzlygymyzyň gadyr-gymmaty hakynda oýlanmaga mejbur edýär. Täze-täze uly işler, täze-täze taryhy wakalar. Olar kän we biri-biriniň üstüni ýetirýär, biri-birinden ähmiýetli. Dabarasy dünýä dolan Türkmenistan! Halkyň isleglerine görä, halk bilen geňeşilip, halk üçin bitirilýän işler!

Göwnüňi dolduryp duran zatlaryň barysy hakynda bir makalada aýtmak mümkin däl. Meger, bu bir ömürde-de mümkin däldir. Hatda uly wakalaryň diňe ýekejesi barada-da bir demde hemme zady aýdaýmarsyň. Şoňa görä, biz her gezekki çykyşymyzda olaryň aňymyza hem köňlümize ýetirýän täsirlerinden diňe käbir ülüşleri okyjylarymyza ýetirip bilýäris. Olar — döwrüň wakalary, döwri döwür edýän wakalar. Şonuň bilen birlikde, döwürleriň wakalary, diýmek, täsiri, ähmiýeti döwürden-döwre geçjek, döwürlere binýatlyk wakalar!

Milli Liderimiz Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk baýramyna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meselelere, hormatly Prezidentimiziň öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmegiň ugurlaryna ünsi çekip, bular babatda anyk ýollary görkezip gelýär. Halk Maslahatynyň döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň durmuşynda, ýurdumyzy hertaraplaýyn ösdürmegiň meselelerini çözmäge çemeleşmekde örän uly ähmiýetiniň bardygyny nygtaýar. Elbetde, ýurdumyzyň abadançylygynyň, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň hatyrasyna döwletli tutumlaryň durmuşa geçirilmeginiň esasynda ýokary guramaçylykly, maslahatly bitirilýän işler bar. Şeýlelik bilen, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwlet syýasaty rowaçlyklara beslenip, üstünlikli amala aşyrylýar. Bularyň ählisi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen «Döwlet adam üçindir!» diýen şygaryň ýöne bir şygar bolman, ganatly şygardygy, ruhlandyryjy şygardygy, döwrüň ýörelgesidigi, döwletimiziň juda aýdyň hem päkize tutumlarynyň binýadydygy baradaky hakykaty belende göterýär. Bularyň ählisi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr!, Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatynyň berkarar döwletiň saýasyndaky azat-erkin, bagtly ýaşaýşyň senasy bolup ýaňlanýandygyny görkezýär.

Berkarar döwlet gurmak köp asyrlap halkymyzyň arzuw-islegi bolup geldi. Taryhyň dürli öwrümlerinde, juda jepaly döwürlerinde muňa ýetmek, erkli-ygtyýarly, deňli-derejeli bolmak, milletlik mertebäňi doly ykrar etdirmek baradaky umyt gyldan inçe bolan-da bolsa, barybir, ol üzülmändi. Ata-babalary beýik siwilizasiýalary döredip, adamzat ösüşlerine tizlik beren, uly-uly döwletleri guran halkyň akylly, düşünjeli, dana nesilleri geçen ençeme asyrda berkarar döwletliligi hyýalynda göteripdi, pikirinde oýlapdy. Hernäçe kynçylykly bolsa-da, öz erk-ygtyýary, özbaşdaklygy ugrunda göreşipdi. Hawa, şeýle! Parasatlylyk bilen aýdylyşy ýaly, umytlar inçelipdi, emma üzülmändi. Mahal-mahal ol hatda ýöne bir arzuw-umyt hem bolman, gizlin syr ýaly kalplaryň çuňunda bolsa-da, ynama öwrülip, mydama halkyň baş maksady bolup ýaşapdy.

Halkymyzyň telim asyrlyk arzuw-isleginiň hasyl bolanyny, baş maksada — Garaşsyzlyk bagtyna ýetenini görmek bize — şu günki nesillere miýesser etdi. Dogrusy, arzuwdakydan hem zyýada durmuşa ýetdik diýip, arkaýyn aýdyp bileris. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan abadan, asuda, gülläp ösýän, dünýäde öz ornuny tapan, belent abraýa eýe bolan ýurt! Biziň halkymyz, ine, şeýle döwletiň saýasynda ýaşaýar. Ýaşaýar hem zähmet çekýär. Döredýär hem gurýar. Ösýär hem öňe gidýär. Ol gysga wagtyň içinde uly dünýäniň derejesinde ýaşamak, işlemek, döretmek mertebesine eýe boldy. Üstesine, öz zehini hem döredijiligi bilen adamzadyň iň gowy gazananlaryna öz goşandyny goşmak, dünýäniň ösüşlerine täze güýç, täze itergi, täze öwüşgin, täze parasat bermek ukybyna eýedigini görkezdi. Munuň özi hem ruhy-ahlak, hem aň-bilim, hem durmuş-ykdysady, hem syýasy-diplomatik meselelere — ösüşleri gazanmagyň, abadançylygy üpjün etmegiň, döwleti dolandyrmagyň we döwletler bilen gatnaşyklaryň bütin ulgamyna degişlidir. Bu — beýik hakykat! Biziň halk hökmündäki begenjimiz, guwanjymyz, buýsanjymyz, ozaly bilen, ine, şu beýik hakykat bilen baglanyşyklydyr.

Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz — milletiň beýik taryhyny ýazýan ynsanlar. Bu beýik şahsyýetleri, belki, taryhy zerurlygyň özi ýüze çykarandyr. Şonuň bilen birlikde, elbetde, olary bize Alla berendir. Allatagala, şunça asyrlyk agyr synaglardan soň, türkmeni ýalkandyr. Şunça asyrlyk yhlasyna, şunça egsilmez güýç-kuwwatyna, şunça synmaz ynamyna görä, türkmene şu rahat, asuda, bagtly günleri bagyş edendir.

Diňe taryhyň haýsydyr bir öwrülişikli pursatlarynda, çylşyrymly we juda çylşyrymly wagtlarynda däl, islendik wagtda-da halkyň öňüne düşmegi, oňa ýol görkezmegi, aýgytly çözgütleri, dürs hereketleri salgy bermegi başarýan gahryman gerek! Halkyň hem ýurduň ykbaly mydama şoňa bagly bolup durýar. Şonsuz juda kuwwatly döwletleriň hem bir demde diýen ýaly güýçden gaçyp, çagşap, dargap bilýändigine taryhdan mysallar köp. «Baş bolmasa, göwre — läş» diýen türkmeniň paýhasy islendik halk, islendik döwlet, islendik döwür üçin gymmatlydyr, ýol-ýörelgedir. Halkyň pähim-paýhasyny, güýç-kuwwatyny bir başa jemlemegi başarýan şol gahryman öz halkynyň beýik taryhyny döredýär, öz halkynyň taryhyna adyny ebedilik ýazýar. Halkyň ady, şöhraty şeýle şahsyýetleriň ady, şöhraty bilen ýaşaýar. Halkyň ömri şeýle şahsyýetler bilen dowam edýär. Öz beýik şahsyýetlerine, öz gahrymanlaryna, öz parasatly ogullaryna ynanmak bilen, halk öz röwşen ykbalyny döredýär. Olara ynanmak bilen, halk özüne ynanýar. Olary ykrar etmek bilen, halk özüni, öz ösüşlerini, öňe gidişlerini, geljegini ykrar edýär. Ykrar edýär hem hemmelere ykrar etdirýär! Görnüşi ýaly, ähli nurana durmuş, ösüş hem abadançylyk şu ynama, bitewülige, beýik maksatlara ýetmekdäki sazlaşykly hereketen daýanýar.

Islendik adamyň ömrüniň öz ili-güni bilen manyly hem maksatly bolýandygy dogrudyr. Halk bolsa öz berkarar döwleti bilen, Milli Lideri bilen, döwlet Baştutany bilen güýçli hem ýeňilmezdir. Ine, şu ýerden Garaşsyzlyk hem halk häkimiýetliligi, Garaşsyzlyk hem Milli Lider, Garaşsyzlyk hem döwlet Baştutany baradaky, many-mazmuny biri-biri bilen eriş-argaç baglanyşyp gidýän ULY DÜŞÜNJE, BEÝIK PARASAT peýda bolýar. Şu düşünjeden, şu parasatdan biz döwrümiziň ruhuny duýýarys, geljegimiziň görküni duýýarys, garaşsyz ösüşimiziň bütin keşbini, ýol-ýörelgesini, ýeten we ýetjek menzillerini görýäris.

Hawa, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygynyň bellenilýän ýyly aýratyn taryhy many-mazmuna eýe. Bu şanly sene Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünliklere ser salmaga, durmuşa geçirilen özgertmeleri seljermäge we geljekki ösüşleriň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge giň mümkinçilik döredýär. Şol nukdaýnazardan, Halk Maslahatynyň mejlisiniň bu uly baýramçylygyň joşgunynyň äleme dolýan günlerine gabat getirilmegi milli döwletliligi pugtalandyrmakda, halkyň jebisligini has-da berkitmekde, ýurduň geljekki ösüşiniň strategik ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmakda möhüm ähmiýete eýe. Şeýle taryhy wakalar, ol wakalaryň gowy netijeleri ýurdumyzyň öz ösüş ýoly bilen ynamly barýandygyny görkezýär.

*Akmyrat HOJANYÝAZ.*
*«Türkmenistan».*

OBA HOJALYGY

# BIR ÝYLDA IKI HASYL

***Şabat etrabynyň «Azatlyk» daýhan birleşiginiň çägine gireniňden, gara ýoluň iki gyrasyny jähekläp uzaýan ekin meýdanlaryny görüp, gözüň dokunýar. Sürlüp, gerşini Güne çoýup ýatan ak ekinden boşan meýdanlaryň bir çeti ýaşyl parç bolup oturan gök ekinli peller bilen ulaşýar. Bereketli güýzüň bosagasynda gök ekinli atyzlar bol hasyla durupdyr.***

Pomidor, hyýar, kelem, käşir ekilen meýdanlary aralap barşymyza, Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Şabat etrap komitetiniň başlygy Hudaýguly Aşyrow şu ýyl etrap boýunça 2 müň 512 gektar meýdana gök-bakja ekinleriniň ekilendigini gürrüň berdi.

— Ýer tapdan düşmez ýaly, agrotehniki çärelere görä, kemsiz ideg etseň, bir ýylyň dowamynda azyndan iki gezek hasyl alyp bolýar — diýip, ol söhbetimizi şu ugra gönükdirdi.



Etrabyň «Azatlyk» daýhan birleşiginiň zähmetsöýer ekerançylary hem «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda 276 gektar meýdana gök-bakja ekinlerini ekip, bol hasyl ýetişdiripdirler. Aýratynam, ýazlyk ýeralmadan boşan meýdanlara gök ekip, bir ýylda iki hasyl alýan daýhanlar bu ýerde barmak büküp sanardan kän.

— «Ýer astynda altyn gazyk» diýen tapmaçanyň jogabyn-a bilýänsiň — diýip, daýhan birleşiginiň kärendeçisi Adylbek Iskenderow gyzykly gürrüňiň ýumagyny çözläp ugrady. — Idegini kem etmeseň, zähmetinden erinmeseň, käşir örän hasylly ekin. Ynha, güýz ortalap, köwlemeli mahaly geler welin, pil bilen gabyňy alyp, atyzyň bir çetinden girersiň, nädersiň depen ýeriň durşuna käşir bolup duruberse!

Adylbek aga sözüni tassyklamakçy bolýan ýaly, joýanyň düýbüni köwläp, çykaran käşirlerinden çen tutup, bu ýylky hasylyň garaşylýanyndan agdygrak boljakdygy hakynda aýdyp:

— Her ýyl 1,4 gektar kärende ýerime şertnama esasynda gök-bakja ekinlerini ekip, bol hasyl alýaryn. Şu ýyl ýazyň başynda ýeralma ekdim. Zähmetime görä, hasyly-da kem bolmady, 20 tonna golaý hasyl aldym. Suwuny, dökünini ýetirip, ýeralmanyň yzyna käşir ekdim. Iýun aýynyň ahyrlaryna ekilen käşir eýýäm ýetişiberipdir. Görýäňmi, joýanyň bir depiminden bir kilograma golaý käşir çykdy. Güýz käşir köwlenmeli wagta çenli häli her birisi bir garyşdan geçer. Şonda käşiriň üç-dört sanysynyň agramy bir kilogramdan agsa gerek. Geçen ýyl hem kärende ýerimden 26 tonnadan gowrak hasyl aldym. Başarnygyň, iň esasy-da, yhlasyň bolsa, ýylda iki-üç gezek hasyl alyp bolýar. Ýurdumyzda ekin ekjek, hasyl öndürjek diýene ähli mümkinçilikler döredilýär. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys — diýip, ýürek buýsanjyny beýan etdi.

Ýol kesip gelýän Hudaýguly aga, maglumat üçin, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Şabat etraby boýunça 140 gektar meýdana güýzlük käşir ekilendigini gürrüň berdi.

Gök we bakja önümleriniň öndürilýän möçberini artdyryp, bazar bolçulygynyň döredilmegi, ilatyň olara bolan isleginiň doly kanagatlandyrylmagy häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biridir. Onuň üstünlikli ýerine ýetirilmegine goşant goşmak ugrunda daşoguzly ekerançylar hem öndümli zähmet çekýärler. Muňa ýol ugrunda giden meýdana ýaýylyp ýatan pomidordyr hyýarly, sogandyr kelemli atyzlaryň mysalynda hem aýdyň göz ýetirmek bolýar.

*Gurban GURBANOW.*
*(Öz habarçymyz).*

AZYK SENAGATY

# Islegli önüm

***Gökdepe etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň çäginde ýerleşýän «Ahal» ösümlik ýag kärhanasynda öndürilýän ekologiýa taýdan arassa, ýokary hilli, ýokumly önümler bäsdeşlige ukyplylygy bilen tapawutlanýar. Kärhananyň önümçilik kuwwatyndan netijeli peýdalanýan işçi-hünärmenleriň çekýän yhlasly we tutanýerli zähmeti bilen öndürilýän ösümlik ýagyna ilat tarapyndan isleginiň barha artmagy hem şonuň bilen baglanyşyklydyr.***




Kämil tehnologiýaly kärhanada önümçilik meýilnamasy aýba-aý üstünlikli ýerine ýetirilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň geçen ýedi aýynyň önümçilik görkezijileri hem guwandyryjy boldy. Anyk aýdylanda, şanly ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda öňdebaryjy kärhanada 71 million 494 müň 800 manatlyk önüm öndürildi. Şeýlelikde, pul hasabyndaky bu görkeziji, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 101,8 göterimden gowrak ösüş gazanylandygyny görkezýär.

Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly toýuna ýokary önümçilik görkezijileri bilen barmagy maksat edinýän kärhananyň agzybir işgärleri tarapyndan öndürilýän önümler 1,5 hem-de 10 litrlik göze gelüwli ýörite gaplarda ilata ýetirilýär.

*Aýdo ŞEKEROW.*
*(Öz habarçymyz).*

HYZMATDAŞLYK

# TÜRKSOÝ-yň ýazyjylarynyň Andijan duşuşygy

***Türkmenistan bilen Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletleriň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, medeni hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar. Özbegistanyň Andijan şäheriniň 2026-njy ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, bu ýerde TÜRKSOÝ-a agza döwletleriň ýazyjy-şahyrlarynyň duşuşygynyň geçirilmeginde özara edebi gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ädime öwrüldi. Oňa gatnaşmak üçin ýurdumyzyň döredijilik wekiliýeti goňşy ýurtda saparda boldy.***



...Buharadan Daşkende ugur alan ýolagçy otlusynda dana Pyragynyň:

*Bir gije ýatyrdym, şa Nagyşbendi —*
*Bahaweddin atly diwana geldi.*
*Hasasyn süýreýip gelmiş Buhardan,*
*Hak yşkyna mest-u mestana geldi —*

diýen setirleri biygtyýar ýadyma düşdi.

Magtymguly Pyragy gadymy galalary, kerwensaraýlary, medreseleri bilen dünýä meşhur bolan Buharanyň Gögeldaş medresesinde okap, Nury Kazym ibn Bahrdan, Murjim Abytdan sapak alypdyr. Ruhy halypasy Bahaweddin Nagyşbendiniň ýaşan topragy akyldar şahyry ylym dünýäsinde ganatlandyrypdyr.

Hormatly Prezidentimiz «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynda Ankaranyň Hajy Baýram Weli adyndaky uniwersitetiniň häzirki zaman türki dilleri kafedrasynyň mugallymy Emrah Ýylmazyň makalasynda Magtymguly Pyragynyň Fergana şäheriniň Andijan medresesinde hem bilim alandygy baradaky maglumaty ýörite deliller arkaly esaslandyrmaga çalyşýandygyny, bu maglumatyň 1976-njy ýylda neşir edilen «Özbek sowet ensiklopediýasynda» hem gabat gelýändigini nygtaýar. Mollanepesiň «Älemge gelgeý, gelmegeý» atly goşgusynda hem Andijanyň agzalyp geçilmegi şäheriň nusgawy edebiýatymyzda mynasyp ornunyň bardygyny tassyklaýar.

...Andijan demir ýol menzilinde myhmanlary garşylamak dabarasyndaky aýdym-sazyň belent owazy, gadyrly salamlaşyk, duz-çörek myhmansöýerligiň, dostanalygyň nyşanyna öwrüldi. Andijanyň «Babyr» atly seýilgähine guralan gezelenç hem täsirli boldy. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy «San bolsam» diýen goşgusynda:

*Zahyreddin Babyr*
*«Mizan-öwzany»*
*Gaşlaryna baryp,*
*men Mejnun bolsam —*

diýip bellemek bilen, Gündogar edebiýatynyň görnükli wekiliniň edebi mirasyna uly hormat goýupdyr. Onuň bu ýerdäki muzeýinde şahyryň golýazmalary, dürli ýurtlarda neşir edilen kitaplary, türkmen dilinde çap edilen diwany we beýleki gymmatlyklar ýerleşdirilipdir.

Döredijilik saparynyň ikinji gününde Andijan welaýat häkimliginiň binasynda geçirilen duşuşykda ýerli häkimiýetiň we gatnaşyjy döwletleriň wekiliýet ýolbaşçylarynyň, beýleki ýazyjy-şahyrlaryň çykyşlaryna orun berildi. Ýurdumyzyň wekiliniň çykyşynda «Türkmenistan», «Edebiýat we sungat», «Watan», «Nesil» gazetlerinde, «Garagum», «Güneş» žurnallarynda türki dünýäniň ýazyjy-şahyrlarynyň eserleriniň yzygiderli çap edilýändigi, edebi gatnaşyklary ösdürmekde terjimeçilige, döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlaryň täze eserlerine uly ornuň degişlidigi baradaky gürrüňler öz beýanyny tapdy.

Özara pikir alyşmalaryň çaginde TÜRKSOÝ-a agza döwletleriň döredijilik wekilleriniň edebi hyzmatdaşlygyny ösdürmek, türki dünýäniň umumy sanly edebiýat platformasyny, elektron kitaphanasyny, ýazyjy-şahyrlar baradaky maglumat ulgamyny döretmek, olaryň edebi mirasyny gorap saklamak, dünýä dillerine terjime etmek boýunça taslamalar ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem halkara kitap ýarmarkalaryna, edebiýat festiwallaryna we beýleki medeni çärelere bilelikde gatnaşmak teklip edildi. TÜRKSOÝ-yň Ýazyjylar birleşiginiň 2027-nji ýyl üçin iş meýilnamasy boýunça teklipleri seljermek, türki dünýäniň ýaş şahyrlarynyň festiwalyny, halypa ýazyjy-şahyrlaryň, terjimeçileriň edebiýat forumyny guramak babatda başlangyçlar beýan edildi.

Günüň ikinji ýarymynda Andijan döwlet lukmançylyk institutynda TÜRKSOÝ tarapyndan 2026-njy ýylyň «Ziýa Gökalpyň ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli meşhur türk şahyrynyň edebi mirasyna bagyşlanan maslahat geçirildi. Çäräniň ahyrynda meşhur gazak şahyry Abaý Kunanbaýewiň edebi mirasyny wagyz etmäge işjeň gatnaşan ýazyjy-şahyrlaryň birnäçesi guramanyň «Abaý Kunanbaý» medaly bilen sylaglanyldy. Şu gezekki döredijilik baýramçylygyna gatnaşyjylaryň birnäçesine Özbegistan Respublikasynyň Ýazyjylar birleşiginiň Minnetdarlyk haty gowşuryldy. Şonuň ýaly-da Ýüpek ýoly şahyrlarynyň halkara assosiasiýasy we federasiýasy tarapyndan geçirilen altynjy «Ýüpek ýoly» sungat we şygryýet festiwalynyň jemleri jemlenildi. Ýeri gelende, ýurdumyzdan «Biznes reklama» gazetiniň bölüm müdiri, şahyr Gurbandurdy Orazowyň festiwalyň Hormat hatyna mynasyp bolandygyny guwanç bilen bellemek gerek.

Andijanyň golaýynda täze gurulýan Babyr şäheri bilen tanyşdyryş çäresi-de ýatda galyjy boldy. Dag belentlikleriniň arasynda gurulýan şäheriň binalary, seýilgähleri özboluşly döredijilik mekanyny ýada salýar. Bu ýerde edebi dostluk köprüsiniň, doganlyk gatnaşyklarynyň mizemez bolmagy arzuw edildi. Dostlukly ýurtlarda geçirilýän şeýle halkara medeni çärelere gatnaşmaga döredilýän giň mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

***Akmyrat REJEBOW,***
***Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň döredijilik işgärleri bölüminiň başlygynyň orunbasary.***

HAKYDA

# EDERMENLIGI GAÝTALAN GERÇEKLER

***Dünýä atçylyk medeniýetiniň taryhynda ata Watanymyz Ýer ýüzünde atlaryň ilkinji eldekileşdirilen hem-de olaryň tohumynyň kämilleşdirilen ýeri hasap edilýär. Geçen asyrda halk hojalygynyň pudaklarynda yhlasly zähmet çekýän dürli kärdäki wekilleriň gatnaşmagynda atly ýörişleriň birnäçesi geçirildi. Atşynaslyk sungatynyň täze rowaçlyklara beslenmegine, watansöýüjilikli ýörelgeleriň, hünär ussatlygynyň, ruhubelentligiň, sagdynlygyň hem-de işjeňligiň galkynmagyna uly badalga beren şol uzak aralyklara geçirilen atly ýörişler taryhymyzyň şöhratly sahypalaryna altyn harplar bilen ýazyldy. Şolaryň biri hem 1986-njy ýylda guralan Aşgabat — Köneürgenç — Aşgabat atly ýörişidir.***

Şöhratly taryhymyzda uly orun alan atly ýörişiň bu tapgyry 1935-nji ýylyň 30-njy maýynda başlanyp, şol ýylyň 21-nji awgustynda tamamlanan, uzaklygy 4 müň 300 kilometre barabar bolan Aşgabat — Moskwa atly ýörişiniň 50 ýyllyk şanly senesine bagyşlanyp geçirilipdir. «Atalaryň şöhratly ýoly bilen» atly şygar astynda guralan ýöriş 1986-njy ýylyň 9-njy maýynda badalga alyp, 23 gün dowam edip, şol ýylyň 1-nji iýunynda tamamlanypdyr. 1 müň 300 kilometr menzili geçen toparyň düzüminde 11 çapyksuwar türgenler, halypa atşynaslar bolupdyr. Bu ýörişe Myrat Myradow ýolbaşçylyk edipdir.

Türkmen atlarynyň çydamlylygyny dünýä ýaýan ýörişe gatnaşyjylar 1986-njy ýylyň 19-njy maýynda Köneürgenç etrabynyň merkezindäki ýadygärlikler toplumynyň ýanyndaky meýdançada hormat bilen garşylanypdyr. Garşylanyş dabarasynda zähmetkeşleriň öňünde atly ýörişe gatnaşyjylardan Hemra Saryýew, Annasoltan Aşyrowa, Nuraly Kasymow, Moskwanyň K.A.Timirýazow adyndaky Oba hojalyk akademiýasynyň ylmy işgäri, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Ýuliýa Kuznesowa, welaýatyň wekillerinden Sosialistik Zähmetiň Gahrymany Saparbaý Nyýazymbetow, 1935-nji ýylda Aşgabat — Moskwa atly ýörişine gatnaşan Aktelpek Nagyýewiň gyzy Gurbantäç Annamyradowa, 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň we zähmet weterany Aýapbaý Türkmenbaýew, meşhur seýis Hojabaý Mahmudow dagy taryhy ýörişiň edermenlige beslenen wakalary, unudyl-



majak pursatlary, ýörişiň dowamyndaky täzelikler, tomsuň jöwzaly günlerinde Garagumuň ürgün çägeliklerinden, sörtük ýelli sähralaryndan batyrgaýlyk, ugurtapyjylyk bilen geçişleri barada täsirli çykyş edipdirler. Ýöriş boýunça görnükli nakgaşlaryň, Ýuriý Şkuriniň, Geldi Allabaýewiň foto we şekillendiriş sergileri, Alty Garlyýew adyndaky «Türkmenfilm» kinostudiýasy tarapyndan surata düşürilen dokumental filmlerden parçalar tomaşaçylar köpçüligine görkezilipdir, aýdym-sazly çykyşlar giňden ýaýbaňlandyrylypdyr.

Döwlet derejesinde ösüşleriň ak ýolunyň, maksada okgunlylygyň, gaýduwsyzlygyň alamatyna öwrülen, türkmen bedewleriniň köpasyrlyk taryhyna, gözelligine, ýyndamlygyna, ezberligine, gaýratyna goýulýan uly hormatyň nyşany hökmünde taryha giren bu ýörişe gatnaşyjylar 1986-njy ýylyň 1-nji iýunynda Aşgabada sag-aman gaýdyp barýarlar we döwlet sylaglary, gymmat bahaly ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanýarlar. Metbugat sahypalarynda oňa gatnaşan, zamananyň zybanynda alkyşlanan, ýagşylykda ýalkanan, çawy alyslara aşan edermenleriň zyýada zähmetleri, täzeçil öňdebaryjy tejribeleri, hünär ussatlyklary, seýisçilik, çapyksuwarlyk sungatyndaky üstünlikleri mähir-söýginiň, wepalylygyň, halallygyň, kämilligiň, gaýduwsyzlygyň, üşükliligiň, ezberligiň, hüşgärligiň, dogumlylygyň mertebeli mekdebi bolup dabaralanypdyr.

***Dädebaý PÄLWANOW,***
***Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.***

BILIMLI NESIL — KUWWATLY WATAN

# RÖWŞEN ERTIRLERE KÖPRI

***Ylym-bilim hemişe ösüşiň, özgerişiň we täze mümkinçilikleriň esasy çeşmesi hasaplanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu hakykat has-da aýdyň ýüze çykýar. Ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik işleri Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Bu özgertmeleriň özeninde döwletimiziň ýaş nesle döwrebap bilim bermek, olary milli ruhda terbiýelemek, sagdyn we giň dünýägaraýyşly şahsyýetler edip ýetişdirmek baradaky aladalary durýar.***

Bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi, täze döwrebap mekdepleriň we çagalar baglarynyň gurlup ulanmaga berilmegi, okuw otaglarynyň häzirki zaman tehnologiýalary bilen üpjün edilmegi bu ugurda alnyp barylýan işiň netijeli häsiýete eýedigini görkezýär. Sanly tehnologiýalaryň okuw-terbiýeçilik işine giňden ornaşdyrylmagy bilim bermegiň mazmunyny täze derejä çykarýar. Bu babatda Arkadag şäheriniň bilim ulgamynda alnyp barylýan işler aýratyn guwandyryjydyr. Gahryman Arkadagymyzyň ýakynda şähere amala aşyran iş saparynyň dowamynda bu ýerde täze mekdebiň, çagalar bagynyň hem-de sport toplumynyň şekil taslamalarynyň görnüşleri bilen tanşyp, bu binalar toplumynyň ýokary derejede enjamlaşdyrylmalydygyny, lingafon we beýleki okuw otaglarynyň halkara görkezijilere laýyk gelmelidigini bellemegi bilim işgärleriniň öňünde täze wezipeleri goýdy.

«Akylly» şäheriň bilim edaralarynda ýaş nesliň ýokary hilli bilim almagy, döredijilik başarnyklaryny ösdürmegi, döwrebap tehnologiýalardan netijeli peýdalanmagy üçin ähli mümkinçilikler bar. Şäheriň orta mekdeplerinde täze okuw ýylyna guramaçylykly girişmek boýunça taýýarlyk işleri hem ýokary derejede geçirildi. Bilim edaralarynyň okuw kitaplary, okuw-usuly gollanmalar bilen üpjün edilmegine, olaryň aýawly saklanylmagyna, «e-Mekdep» elektron bilim dolandyryş ulgamynyň kämil derejede ulanylmagyna, maglumat-aragatnaşyk ulgamlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerine aýratyn üns berilýär.

Bosagadaky 2026 — 2027-nji okuw ýylynda Arkadag şäherinde 600-den gowrak çaganyň birinji synpa okuwa başlamagyna garaşylýar. Olaryň ilkinji ädimleriniň şatlykly we ýatda galyjy bolmagy üçin ähli zerur şertler döredilýär. Birinji synpy okatjak mugallymlar bilen okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary, okatmagyň döwrebap usullary we kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça ýörite okuwlaryň geçirilmegi hem bu işe jogapkärçilikli çemeleşilýändigini görkezýär. Şeýle hem ilkinji gezek mekdep partasyna geçjek körpelere hormatly Prezidentimiziň adyndan sowgat beriljek noutbuk kompýuterleriniň taýýarlanylmagy ýaş nesle bildirilýän belent ynamyň aýdyň nyşanydyr.

Arkadag şäherinde bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikler diňe bir döredilen şertler bilen çäklenmeýär. Şäheriň okuwçylarynyň dürli derejedäki ýerli we halkara bäsleşiklerde gazanýan netijeleri hem ýokarydyr. «Robototehnika» bilim merkeziniň okuwçylarynyň Dubaýda, Londonda geçirilen halkara bäsleşiklerde bürünç hem-de kümüş medallara mynasyp bolmagy, «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly döwlet ders hem-de ylmy-döredijilik (taslama) bäsleşiginiň jemleýji tapgyrynda 7 sany baýrakly ornuň eýelenmegi, ýokary okuw mekdepleriniň olimpiadalarynda üstünlik gazanylmagy guwandyryjy netijelerdir. Okuwçylaryň döredijilik, dil, tehniki ugurlardaky bäsleşiklerde hem öňe saýlanýandyklaryny bellemek gerek. «Parahatçylyk: çagalaryň sesi», «Ýol hereketiniň ýaş gözegçileri», «Hünärli nesil — röwşen geljek», «Iň eýjejik gyzjagaz — 2026», «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» ýaly bäsleşiklerde gazanylan baýrakly orunlar ýaşlaryň zehininiň dürli ugurlarda ýüze çykýandygyny görkezýär. «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer» atly kitap okamak, «Arşyň nepisligi — türkmen halysy» atly haly dokamak bäsleşigi we onuň çäginde ýaýbaňlandyrylan sergi-ýarmarka, «Mekdepler futbol bilen birleşýär, dostluk bilen güýçlenýär!» atly futbol ýaryşy hem-de festiwal «akylly» şäheriň mekdep okuwçylarynyň ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmekleri üçin özboluşly meýdança öwrüldi.

Bilim ulgamynda mugallymyň ornuna aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki döwrüň mugallymy diňe bir öz dersini kämil bilýän hünärmen bolman, eýsem, sanly tehnologiýalardan baş çykarýan, täzeçe pikirlenýän, okuwçynyň döredijilik başarnyklaryny ýüze çykarmaga ukyply, milli we dünýä tejribesini utgaşdyryp bilýän pedagog bolmalydyr. Şonuň üçin bilim işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, ýaş mugallymlara tejribeli halypalaryň göreldesini ýetirmek möhümdir.

Ýakynda Arkadag şäheriniň iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 4-nji orta mekdebinde geçirilen öňdebaryjy pedagogik işgärleriň awgust maslahaty hem şu maksatlara gönükdirildi. Onda täze okuw ýylynda öňde durýan wezipeler, okatmagyň döwrebap usullary, sanly bilimiň mümkinçilikleri, zehinli okuwçylar bilen işleşmek, halypa-şägirtlik gatnaşyklaryny ösdürmek ýaly meseleler giňden ara alnyp maslahatlaşyldy. Maslahatda milli terbiýe bilen bilim bermegiň häzirki zaman usullarynyň sazlaşygyna hem aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, Arkadag şäheriniň bilim işgärleriniň öňünde zehinli okuwçylary ýüze çykarmak, olaryň halkara olimpiadalara, ylmy we döredijilik bäsleşiklerine gatnaşygyny artdyrmak, daşary ýurt dillerini öwrenmäge höwesini güýçlendirmek, sanly tehnologiýalardan netijeli hem howpsuz peýdalanmak endiklerini ösdürmek ýaly möhüm wezipeler dur.

Şäherimiziň bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikleriň ýene bir möhüm çeşmesi mugallymlaryň yhlasly zähmetidir. Bilim işgärleriniň döwlet derejesindäki bäsleşiklerde baýrakly orunlara mynasyp bolmagy, olaryň birnäçesiniň 2025 — 2026-njy okuw ýylynda «Zenan kalby» ordeni, «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly hem-de «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik nyşany bilen sylaglanylmagy halal zähmete berilýän ýokary bahanyň güwäsidir.

Ýeri gelende bellesek, täze okuw ýylyna taýýarlyk görmegiň çäklerinde Arkadag şäheriniň bilim edaralarynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýuna we Halk Maslahatynyň mejlisine bagyşlanan wagyz-nesihat çäreleri, «tegelek stol» duşuşyklary, jemgyýetçilik-syýasy söhbetdeşlikler hem yzygiderli guralýar. Bu çäreleriň esasy maksady ýaş nesliň Watana bolan söýgüsini artdyrmakdan, olaryň aňynda «Garaşsyzlyk», «Bitaraplyk» ýaly mukaddes düşünjeleri kemala getirmekden ybaratdyr.

Täze nesli terbiýelemek döwletiň geljegini gurmakdyr. Ýaşlaryň giň gözýetimli, saýlap alan hünärinden ussatlyk bilen baş çykarýan şahsyýetler bolup kemala gelmegi üçin beýik işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli döwletli tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Şirmuhammet BERDIÝEW,***
***Arkadag şäheriniň bilim müdirliginiň başlygynyň orunbasary.***

# *Halk hazynasyndan*

## *Ilimiň begi bolsamam...*

Uly hataryň ileri gapdalynda gara çüýrük ýygyp ýöreniň ýanyna dört-bäş atly gelýär.

— O-how halypa, obada Myrat atly bir pähimdar (Myrat beg — Görogly begiň Handan batyrynyň, Zaman begiň nesil ugry) bar diýip gulagymyza degdi. Şol dogry bolsa, kyn görmän, ony çagyryp beräýseň?

— Çagyryp näme etjek? Öýüne baraýsaňyz-a gowy bordy.

— Pähimli-paýhasly diýip tarypyny etdiler. Meňzeşikligine gözümiz ýetse, onuňkyda ýatyp gidäýmek hyýalymyzam ýok däl...

— Onuň ýaly bolsa, garaşyň, ol möhümiňizi bitirmek biz bilen — diýen kişi ýygnanja odunyny arkasyna aýlampaç edäge-de obasyna girýär.

Çaý içim salymdan ýaňky atlylaryň öňünde peýda bolýar.

— Ýigitler, şol Myrat beg diýýäniňiz-ä gelendir!

— Ýa heý, jan aga, her arkasy çüýrüklidenem bir beg bormy? Bar, begem ekeniňdä. Onsoň ýaňky bolup barşyň öz göwnüňe jaýmy?

— Näme jaý bolman, ýigitler, men ilimiň begi bolsamam, öýümiň guly!

## *Eýe gözi — em*

— Eý, janawar, ol gün geçemde-de syn kyldym welin, ikiňiziň otdur suwuňyz, ahyrdyr gazygyňyz, hatda boýunbagdyr şyhmütüriňizem birmeňzeş. Ýöne şonda-da sen ol işşege görä horydarak-la?

— Sebäbi, bi tokly hol eli pilliniňki. Ol şu taýyk, ekin üstüne göçüp gaýdanda, baggoýnuna höwür borum ýaly, eýämden diläp, menem alyp gaýtdy. Şondan bäri paçakdyr peçege deň ýapyşyp, suwy bileje içsegem, men ýeňlesräkdirin. Çünki agşamyna eýesi, öz işşegine seredip ýatýar welin, göwnüm galyp, birhili sykylan ýaly bolaýýan.



**Türkmenistanyň Merkezi banky Aşgabat şäheriniň Garaşsyzlyk şaýolunda ýerleşýän, banka degişli has oňaýly we otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan 12 gatly 48 öýli ýaşaýyş jaýynyň göterijiligi 480 kilogram bolan 2 (iki) sany liftini täzelemek boýunça açyk görnüşli**

**BÄSLEŞIK**

**yglan edýär**

Bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirýän taraplaryň teklipleri bildirişiň çap edilen gününden başlap, 30 (otuz) iş gününiň dowamynda aşakdaky salgy boýunça kabul edilýär:

**Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 36-njy jaýy.**
**Habarlaşmak üçin telefon belgileri:**
**(+99312) 38-10-27, 38-10-49, 38-14-35.**

TÜRKMENISTAN

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-25-75; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan_gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k. A-119358 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4 833001 500011



Bahasy 30 teňňe.